**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2024-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna**
на 1 сентября 2024 года
September 1, 2024

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**SANLY HYZMATLAR - AMATLY ÇÖZGÜTLER**
5

**ÝERLI ÖNÜMÇILIKLERI GOLDAMAK - DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MIZEMEZ GIREWIDIR**
7

**DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLAR - WAJYP WEZIPELER, ANYK ÇÖZGÜTLER**
12

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
17

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
19

# SANLY HYZMATLAR - AMATLY ÇÖZGÜTLER

Häzirki wagtda sanlylaşdyrmagyň durnukly ykdysady ösüşiň ileri tutulýan wezipelerini çözmegiň binýady bolup hyzmat edýändigi aýdyň hakykatdyr. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek we mümkinçiliklerini artdyrmak, sanly bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly bank amallarynyň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar. Ýurdumyzda sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Visa Virtual», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridiki tarap bolan müşderilerine we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, ykjam töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank tölegleri ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly birnäçe hyzmatlar ornaşdyryldy.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky fiziki şahslara internet ulgamynyň üsti bilen halkara «Visa» we «MasterCard» bank kart hasaplaryny doldurmaga, daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň okuw we umumy ýaşaýyş-jaý töleglerini hem-de fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi üçin töleglerini onlaýn görnüşinde tölemäge mümkinçilik berýän «Menzilara bank» ulgamy işe girizildi.

Hyzmata laýyklykda raýatlarymyz alyş-çalyş amalyny onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalaryň asyl nusgalaryny barladyp goýum hasaplaryny açmaly, şeýle hem ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bank tarapyndan ulanyjy açylandan soň, müşderi bankyň resmi internet sahypasynyň «Onlaýn töleg geçirmek» bölümine girýär, penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşinde doldurýar hem-de tölege degişli resminamalaryny ýükleýär. Fiziki şahslar resminamalarynyň möhleti tamamlanýança ýa-da resminamalar çalşylýança onlaýn töleginiň bu hyzmatyndan peýdalanyp bilýärler.



Müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak, hödürlenilýän hyzmatlaryň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek

hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «VISA Virtual» atly bank karty ulanyşa girizdi. «VISA Virtual» halkara bank kartynyň hasaby diňe daşary ýurt pulunda açylyp, ol erkin aýlanýan puluň çäklerinde serişdeleriň gelip çykyşyny talap etmezden, fiziki şahsyň daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyna nagt görnüşinde we gelip çykyşy diňe öz serişdeleri bolan nagt däl görnüşinde doldurylýar. Bankyň öz içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy, şunuň bilen birlikde, bank tarapyndan dünýäniň ykdysady ulgamy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde täzeçil ýörelgeleriň girizilmegi onuň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigine güwä geçýär.

Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Raýatlarymyz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň resmi internet sahypasynyň üsti bilen hödürlenilýän «Sanly karz» mobil goşundyny öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly banka barmazdan onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň ýagdaýyny bilmegä, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini, awtomatiki görnüşinde kesgitlemäge, karzy ätiýaçlandyrmak maksady bilen, karz alýan müşderini ätiýaçlandyryş kärhanasy bilen baglamaga amatly mümkinçilik döredýär.

Bank tarapyndan 2024-nji iýul aýynda «Sanly karz» hyzmatynyň ykjam goşundysy işe girizilendigine garamazdan, eýýäm 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabry ýagdaýyna 3034 sany müşderi ýüzlenip, 4538,2 müň manat möçberinde karz serişdeleri resmileşdirildi. Häzirki wagtda bu hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

Hödürlenilýän sanly bank hyzmatlary nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, karz edaralarynda nobatlaryň azalmagyna, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine, karz edaralaryň we müşderileriniň wagtynyň we sarp ediş önümleriniň (kagyz, kartrij, ýol harajatlar) tygşytlanylmagyna ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we kämilleşdirmek işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar.



«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň 2018-2023-nji ýyllardaky ösüş depginini indiki şekilde görmek bolýar.

Ýokardaky şekilde hem görkezilişi ýaly, «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmat-




lary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Şu ýylyň sekiz aýynyň dowamynda «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi degişlilikde 1443,6 müň we 12137,7 müň manatdan geçdi, bu bolsa hyzmatlaryň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan müşderileriň sanynyň yzygiderli artýandygyny görkezýär.

2024-nji ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 12,66 milliard manatdan geçdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji oktýabr aýyndaky «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakyndaky» Kararyna laýyklykda ýurdumyzyň ministrlik-leriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň we olaryň tabynlygyndaky eda-ra-kärhanalaryň işgärleriniň zähmet haklaryny we beýleki tölegleri bank kartlarynyň üsti bilen bermeklik ýola goýuldy.

Karara laýyklykda ýurdumyzda ornaşdyrylan döwrebap bank hyzmatlary arkaly geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberleri 2013-nji ýylda 4,2 mln. manat bolan bolsa 2023-nji ýylda 17372,7 mln. manatdan geçdi. 2013-2023-nji ýyllarda ýurdumyzda geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň ösüş depginini şu aşakdaky şekilde hem görmek bolýar.

Bank hyzmatlaryny hödürlemek üçin zerur bolan tehniki üpjünçiligi we onuň goraglylygy boýunça aýdylanda bolsa, bankara tor enjamlaryny kämilleşdirmek onuň üsti bilen hödürlenýän hyzmatlarynyň sanyny we görnüşlerini köpeltmek, bank ulgamynda sanly maglumat tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, kiberhowplara garşy durmak we beýleki ugurlar boýunça zerur bolan programma üpjünçiliklerini satyn almak we ulgama giňden ornaşdyrmak, bankyň zerurlyklary üçin täze serwer enjamlary we disk massiwleri gurnamak, bankara tor enjamlaryny satyn almak ýaly işler bilen bilelikde bu ugurda hünärmen-






leri okuw-tejribeligini kämilleşdirmek boýunça üznüksiz işler alnyp barylýar.

Geçirilýän bu işleriň ählisi banklaryň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge şert döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrundaky alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**Dünýägözel HAÝYTOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Ylmy-önümçilik geňeşiniň baş hünärmeni

# ÝERLI ÖNÜMÇILIKLERI GOLDAMAK — DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MIZEMEZ GIREWIDIR

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ýurdumyzda hususy telekeçiligiň orny barha artyp, beýleki pudaklar bilen bir hatarda döwrebap derejede ösdürilýär. Häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýän öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen düzüm kemala gelýär. Hususy ulgamy ösdürmek we bazar ykdysady şertlere geçirmek barada öňde durýan döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň barşynda, zerur bolan öňdebaryjy usullar giňden ornaşdyrylýar.

Milli ykdysadyýetimizde eksporta ukyply hem-de importyň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek wezipesi ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmekde ileri tutulýan wezipeleriň biridir. Bu ugurda alnyp barylýan işlere ýurdumyzda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin peýdalanylýan gural hökmünde seredilýär.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmak maksatnamasynyň pudaklary we sebitleri ösdürmegiň we döwrebaplaşdyrmagyň anyk taslamalary we çäreleri bilen doldurylmagy olaryň ösüş mümkinçiliklerine dykgatly seljerme geçirilmegini talap edýär. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmak strategiýasy ýönekeý harytlary öndürmekden tehnologiýalary çalt depginde ösdürmegiň we ykdysady taýdan işjeň ilatyň bilim derejesini ýokarlandyrmagyň hasabyna ylmy köp talap edýän we ýokary tehnologik önümleri çykarmaga kem-kemden geçilmegini göz öňünde tutýar. Öz maksatlary boýunça daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutmaklygyň has ýerli, aýratyn wezipesini gurşap alýan täze senagatlaşdyrmak syýasaty importyň ornuny tutmak we eksporta gönükdirilen gaýtadan senagatlaşmagy geçirmekden ugur alynýar. Türkmenistanda içerki we daşarky bazarlarda bäsdeşlik gurşawynyň ýokary derejesi ýeňil senagatda taýýar önümleriň, şol sanda getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň görnüşlerini giňeltmek we täzelemek boýunça işler durmuşa geçirilýär.

Milli telekeçilik kärhanalary ýurdumyzyň azyk bolçulygy bilen baglanyşykly wezipeleri üstünlikli amala aşyrýarlar, öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan önümçilige maýa goýumlaryny goýýarlar, emele gelýän bazar ýagdaýlaryna çaltlyk bilen seslenýärler, täze pudaklarda netijeli işlerini alyp barýarlar. Munuň özi öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmaga, onuň hilini ýokarlandyrmaga hem-de nyrhy babatda elýeterli bolmagyny üpjün etmäge, goşmaça iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berýär.



Bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryna, şol sanda döwlete dahylsyz bölege berilýän karzlar olara ýeterlik möçberde dolanyşyk serişdelerini almaga, önümçilik maksatly işleri çaltlandyrmaga, öňdebaryjy tehnikalary we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmaga, ýokary ykdysady netijeliligi gazanmaga, durnukly ösüşe saldamly goşant goşmaga mümkinçilik berýär.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Hormatly Prezidentimiziň degişli kararlary esasynda ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda bu banklar tarapyndan hem kiçi we orta telekeçiligi, şol sanda hususy telekeçileri goldamak, ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyny gazanmak, ilatyň durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky» hem-de «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlaryna laýyklykda önüm öndürijilere ýeňillikli bank karzlary berilýär.

«Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, bank tarapyndan kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önümleri öndürmek, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla, dolanyşyk serişdelerini almak üçin 1 ýyla çenli möhlete ýyllyk 5 göterim bilen bank karzlary berilýär. Bu Karar esasynda banklar soňky ýyllarda ýüzlerçe taslamanyň karzlaşdyrylmagyna, ykdysadyýetde müňlerçe goşmaça iş orunlarynyň döredilmegine mynasyp goşandyny goşup gelýär. Milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar.

«Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda bank tarapyndan giň göwrümli taslamalary amala aşyrmaga amatly mümkinçilikleri döredýän, daýhan birleşiklerine we hojalyklara, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, mülkdarlara, kärendeçilere, oba hojalyk ylmy-barlag institutlaryna, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçilere we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara – dahyllylara ýyllyk 1 göterim bilen ýeňilleşdirilen bank karzlary berilýär. Bu serişdeler oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, abzallaryny we enjamlaryny, şeýle hem suw tygşytlaýjy tehnikalaryny, suwaryşda ulanylýan geçirijilerini 10 ýyl ulanyş möhletinden ugur alyp, her ýylda deň paýlar bilen gaýtaryp bermek şertinde satyn almaga bölünip berilýär.

Mundan başga-da maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin ýyllyk 5 göterim bilen ýeňilleşdirilen bank karzlaryny 10 ýyl möhlet bilen ulanyş möhletinden ugur alyp her ýylda deň paýlar bilen gaýtaryp bermek şertinde satyn almaga ygtyýar berilýär.

Raýatlara ýeňillikli şertlerde berilýän karzlar olaryň harytlara, hyzmatlara ösen isleglerini kanagatlandyrmaga, has oňaýly ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaga amatly şertleri döredýär. Berkarar





döwletimizde kämil karz syýasatyny alyp barmakda «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy», şeýle hem «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy» aýratyn ähmiýete eýedir.

Her bir karz hyzmaty ýola goýulmakçy bolnanda, ilkinji nobatda, müşderileriň bähbidi göz öňünde tutulýar. Munuň üçin olaryň zerurlyklary içgin öwrenilýär. Şol bir wagtyň özünde-de kämil derejede ýola goýlan pul-karz syýasaty bankyň öz işini döwrüň talaplaryna laýyk alyp barmagyny, şeýlelikde, kämil pul dolandyşygynyň ýola goýulmagyny üpjün edýär. Bu dolanyşygyň netijesinde raýatlarymyza-da, karz edaralarynyň gaznalaryna-da pul serişdeleri wagtly-wagtynda we ýeterlik möçberde gelip, milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşi üpjün edilýär.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Raýatlarymyz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň resmi internet sahypasynyň üsti bilen hödürlenilýän «Sanly karz» mobil goşundyny öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly banka barmazdan onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň ýagdaýyny bilmäge, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini, awtomatiki görnüşinde kesgitlemäge, karzy ätiýaçlandyrmak maksady bilen, karz alýan müşderini Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy bilen barlamaga amatly mümkinçilik döredýär.

Bank tarapyndan 2024-nji ýylyň iýul aýynda «Sanly karz» hyzmatynyň ykjam goşundysy işe girizilendigine garamazdan, eýýäm 2024-nji ýylyň 1-nji awgusty ýagdaýyna 2517 sany müşderi ýüzlenip, 1258,8 müň manat möçberinde karz serişdeleri resmileşdirildi. Häzirki wagtda bu hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

Karz edaralary bilen hyzmatdaşlyk ildeşlerimiz üçin karz serişdesiniň hasabyna galkynmagyň iň ygtybarly, ýeňil we bähbitli ýoludyr. Döwletli diýarymyzyň karz edaralary hödürleýän karz hyzmatlarynyň ählisinde-de öz müşderilerine aňryçäk ýeňillikleri göz öňünde tutýarlar. Karz hyzmatlary üçin bellenilen göterimleri has ýeňilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler yzygiderli dowam etdirilýär. Bu bolsa ildeşlerimiziň hödürlenilýän hyzmatlara bolan gyzyklanmasyny barha artdyrýar. Pul-karz syýasatynyň esasy maksady hem ýurduň ykdysadyýetini zerur bolan möçberde pul-karz serişdeleri bilen üpjün etmekden we olaryň maksadalaýyk, ýokary netijeli ulanylmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

«Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» milli ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmak, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek hem-de eksport kuwwatyny artdyrmak, import ugurly önümleri öndürmek boýunça täze kuwwatlyklary işe girizmek barada anyk çäreler toplumy göz öňünde tutulýar. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysady we eksport kuwwatyny artdyrmaga, halkymyzyň abadançylyk derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.




Ýurdumyzy ykdysady taýdan kuwwatlandyrmakda hususy pudagyň möhüm ähmiýeti bar. Şonuň üçin hem

ýurdumyzda telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw bermek işleri ulgamlaýyn alynyp barylýar. Oba hojalygy, senagat, gurluşyk, dokma, haly, tikinçilik, azyk önümçiligi we ençeme beýleki ugurlarda tutanýerlilik, erjellik bilen zähmet çekýän türkmen işewürleri hususy pudagyň haýran galdyryjy ösüş-özgerişli ýolyny belent sepgitler, taryhy ýeňişler bilen has-da baýlaşdyrýar.

Bäsdeşlige ukyply, importyň ornyny tutýan we eksporta gönükdirilen ýokary hilli, halkara ülňülerine laýyk gelýän önümleri öndürmek, şeýle hem döwrümiziň talabyna laýyk söwdany ýola goýmak bilen birlikde, ilata ýokary derejede hyzmat etmek Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň öňünde duran şu günüň wajyp wezipeleriniň biridir. Munuň netijesinde ýurdumyzyň haryt öndürijilerine ýardam etmek boýunça geçirýän netijeli işiniň durmuşa geçirilmegi bilen ähli ýerlerde importyň ornuny tutýan harytlary, gurluşyk serişdelerini, dokma, mineral önümleri, durmuşda ulanylýan himiýa önümlerini, mebelleri, azyk önümlerini çykarýan kärhanalar açylýar.

Daşarky bazarlara çykmaga döredilýän ähli mümkinçiliklerden peýdalanýan hususy telekeçiler ýurdumyzyň bazar gatnaşyklaryna esaslanyp, önümçilik tehnologiýalaryny ynamly özleşdirmegi dowam edýärler. Ilatyň dürli görnüşli önümlere bolan islegini kanagatlandyrmak bilen birlikde «Türkmenistanda öndürildi» diýen belgili önümlerini daşarky bazarlara çykarýan hususy kärhanalaryň sany barha artýar. Amatly şertlerde ýeňillikli karz serişdeleriniň berilmegi ýurduň ykdysadyýetinde hojalygy dolandyrmagyň öňdebaryjy usullarynyň işjeň ornaşdyrylmagyny, netijeliligi ýokarlandyrýan döwrebap tehnologiýalaryň özleşdirilmegini, täze iş orunlarynyň döredilmegini, ýokary hilli azyk we azyk däl önümleriniň möçberiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Netijede döwletiň goldawy bilen «Guş toplumy» hususy kärhanasy, «Hoş zaman», «Hasar», «Bereketli», «Sahabatly», «Parasatly» hojalyk jemgyýetleri, «Hazar balyk» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri we onlarça beýleki önümçilik kärhanalary ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmäge mynasyp goşant goşýarlar.

Ýurdumyzda hususy telekeçiligi ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, häzirki wagtda bazar gatnaşyklarynyň ösüşine görä, döwlet bilen hususy pudagyň sazlaşykly işlemegi möhümdir. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» hem bazar gatnaşyklary şertlerinde döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan hususyýetçiligi ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde pudaklaryň netijeliligini ýokarlandyrmaga, olaryň dünýä ykdysady giňişligine işjeň goşulmagyna, raýatlaryň telekeçilik başlangyçlaryny goldamaga, maýa goýum işjeňligini höweslendirmäge, döwlet emlägini hususylaşdyrmaga we paýdarlar jemgyýetlerine öwürmäge gönükdirilen täze kanunçylyk namalary kabul edilýär we olar yzygiderli kämilleşdirilýär.








Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm ugurlaryna oýlanyşykly gönükdirilýän ýeňillikli karz serişdeleri bolsa ykdysadyýetiň kuwwatly ösmegine, wajyp durmuş-ykdysady meseleleri çözmäge ýardam berýär. Ýurdumyzda telekeçilik gowrüm

taýdan hem, görnüş taýdan hem barha ösüş gazanýar. Munuň özi telekeçiler üçin açylýan giň mümkinçilikleriň, ýeňillikleriň netijesidir. Döwlete dahylsyz taraplara ýeňillikli karz serişdeleriniň yzygiderli berilmegi hususy ulgamyň önümçiliginiň iň kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilmegine uly ýardam edýär. Ýurdumyzda geçirilýän köp sanly ykdysady sergiler, daşary ýurtlarda guralýan türkmen sergileri bolsa halkara hil we ekologiýa howpsuzlygy güwänamalaryna eýe bolan önümleriň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş durmuş derejelerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bize şeýle ajaýyp zamanamyzda netijeli işlemäge şert döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun. Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Güneş AKMYRADOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Lebap welaýat şahamçasynyň Buhgalter
hasaby we hasabatlar bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DAŞARY YKDYSADY GATNAŞYKLAR: WAJYP WEZIPELER, ANYK ÇÖZGÜTLER

Türkmenistan döwletimiz häzirki taryhy döwürde dünýä jemgyýetçiliginiň ähli ugurlar babatdaky ösüşine laýyk gelýän özgertmeleri tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň milli ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda dünýäniň ondebaryjy döwletleriniň tejribesini özleşdirmek bilen, raýatlara döredilýän şertlerde döwrebaplyk ýörelgelerinden ugur alynýar. Ýurdumyzda durnukly ykdysady ösüşiň çäklerinde döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalaýyn işleriň çygrynda ýurduň maliýe we bank ulgamynyň hem özboluşly ähmiýete eýe bolup durýandygyny bellemek zerur.

Milli özygtyýarlylygyny gazanmak bilen özbaşdak dolandyryş ulgamyny, şol sanda milli maliýe-bank ulgamyny döreden Türkmenistan döwletimiz garaşsyzlyk ýyllarynda uly ösüşlere ýetdi. Bu ösüşleriň şerti hökmünde degişli pudagyň işinde öňdebaryjy tejribä, ylmyň soňky gazananlaryna eýerip, dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulyşmagyň işjeňleşdirilmegini, ykdysadyýetiň pudaklarynyň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegini gazanmak zerur bolup durýar.

Halkara maliýe-bank ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmeginde, iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek we dolanyşyk serişdelerini üpjün etmekde hem-de raýatlara edilýän hyzmatlaryň ýeňillikli amal edilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky hem baý tejribä eýedir. Bankyň döwlet maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen maýa goýum syýasatyny ilerletmekde, bu babatda daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekdemynasyp tagallalaryny bellemek gerek.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlete degişli edaralar, maliýe guramalary we hususy kärhanalar bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan hem Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Saud Arabystany Patyşalygynyň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy.Häzirki wagtda bank dünýäniň ýigrimä golaý ýurdunyň elliden gowrak daşary ýurt banklary we maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy netijeli dowam etdirýär we ýylsaýyn ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär. Bank halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary, halkara banklar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, OPEK gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Türkmenistanyň hökümetiniň adyndan 1994-nji ýylyň 13-nji sentýabryndan bäri Yslam Ösüş Bankynyň agzasy, 2001-nji ýylyň 20-nji oktýabryndan bäri Hususy pudagy ösdürmek boýunça Yslam Korporasiýasynyň agzasy, 2019-njy ýylyň 14-nji aprelinden bäri hem Maýa goýumlary we eksport karzlary ätiýaçlandyrmak boýunçaYslam korporasiýasynyň agzasy, şeýle-de 2021-nji ýylyň 22-nji dekabryndan bäri Söwdany maliýeleşdirmek boýunça halkara Yslam Korporasiýasynyň agzasy bolup çykyş edip gelýär.

Geçen ýyllaryň dowamynda döwletimiziň maýa goýum syýasatynyň strategiki ileri tutulýan ugurlary kesgitlenilip, dünýä bazarynda Türkmenistanyň bäsdeşlige ukyplylyk artykmaçlyklaryndan ugur alyndy. Şu gatnaşyklardan ugur alnyp, strategik taýdan möhüm

maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin orta we uzak möhletli daşary ýurt karzlaryny çekmek Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan işleriniň möhüm bölegi bolup durýar. Bu babatda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» we «Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda eksport ugurly we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň önümçiligini artdyrmak maksady bilen, maýa goýumlary çekmek boýunça halkara maliýe guramalary, ösüş gaznalary we banklar bilen bu ugurda degişli işler üstünlikli alnyp barylýar.

Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegi onuň ulag we aragatnaşyk, nebit-gaz, ýangyç-energetika, senagat, söwda, oba hojalygy, gurluşyk pudaklarynda, hyzmatlar ulgamynda öndürijilikli netijeleriň günsaýyn artmagyna, kiçi we orta telekeçiligiň barha ösmegine öz oňyn täsirini ýetirýär. Ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde daşary ýurtly maýa goýujylaryň hyzmaty uly bolup, olar ýurdumyzda köp sanly iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşýarlar. Olaryň bu taslamalary maliýeleşdirmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň daşary ýurtly taraplar bilen baglaşan şertnamalary hem-de ylalaşyklary uly hyzmata eýedir. Şunuň bilen baglylykda, milli eksport-import we eksport ätiýaçlandyryş bilen hyzmatdaşlyk babatda bank Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaý Halk Respublikasynyň Eksimbanky, Germaniýadaky «Euler Hermes», Italiýanyň eksport ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen işewürlik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýdy. Bu bolsa öz nobatynda milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmelerini kesgitleýär.

Diýarymyzyň dürli künjeklerinde ykdysadyýetiň möhüm pudaklaryna degişli desgalaryň taslamalarynyň amal edilmeginde bank möhüm orun eýeleýär. Bank bu ugurlar boýunça karz ylalaşyklarynyň baglaşylmagynda wajyp hyzmaty ýerine ýetirýär. Maliýe we bank işini alyp barmakda bankyň esasy maksady daşary ýurt maýa goýujylaryny ýurduň iri taslamalaryna çekmekden ybaratdyr. Bu ugurda bolsa geçen ýyllaryň dowamynda köp sanly taslamalardyr degişli işler durmuşa geçirildi.

Soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalary bilen karz ylalaşyklarynyň hasabyna birnäçe giň gerimli taslamalaryň gurluşygy alnyp baryldy. Gyýanlyda polipropilen we polietilen önümçiligi boýunça zawodyň gurluşygy, Garabogazda karbamid zawody hem-de Owadandepede gazy gaýtadan işlemek we ondan benzin öndürmek boýunça senagat toplumy, Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlar toplumy we Türkmenabatdaky S.A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda kükürt kislotasyny öndürýän sehi guruldy we ýurdymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak üçin mümkinçilikler döredildi. Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkezini gurmak hem-de gaz turbinaly desgalary üçin ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak taslamasyny maliýeleşdirmek üçin Şweýsariýa Konfederasiýasynyň «Credit Suisse banky» we Germaniýanyň «Commerzbank AG» banky bilen karz ylalaşygyna gol çekildi.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Germaniýanyň iri «Commerzbank AG» bankynyň hyzmatdaşlygynda ýurdumyzyň Oba we suw hojalyk ministrligi üçin Ýewropanyň (Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar) önümçiligi bolan oba hojalyk tehnikalarynyň getirilmegini maliýeleşdirmek boýunça gol çekilen karz ylalaşygyny, Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça Ahal-Balkan we Balkan-Daşoguz welaýatlarynyň arasynda ýokary woltly howa elektrik geçirijisiniň we

stansiýalaryň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen gol çekilen karz ylalaşygyny we beýleki onlarça taslamalary we önümçilik düzümlerini bank tarapyndan ýurdumyza çekilýäniri maýa goýum taslamalaryna mysal hökmünde görkezmek bolar.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilen ilkinji nobatdaky wezipeleriniň hatarynda oba hojalygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, önümçilik, guşçulyk, maldarçylygyň et we süýt önümçiligini, oba hojalyk ulgamynyň azyk we beýleki pudaklaryny depginli ösdürmek bolup durýar we bu ugurda döwrebap tehnikalar bilen ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny üpjün etmek üçin degişli işler geçirilýär. Bank tarapyndan 2017-nji ýyldan başlap, oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny hem-de olar üçin ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almagy maliýeleşdirmek üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň «Deer Credit, Inc.» kompaniýasy bilen birnäçe karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

«Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmekde «Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan» gaz geçirijisiniň ýurdumyzyň çägindäki böleginiň gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça halkara maliýe guramalary we banklary bilen degişli işler dowam etdirilýär. Bu gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çägindäki ähli gurluşyk işlerini gurnamak hem-de turbalaryň we degişli enjamlaryň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek boýunça Yslam Ösüş bankyhem-de Saud Ösüş Gaznasy bilen degişli maliýe ylalaşyklaryna gol çekildi.

Bulardan başga-da, Türkmenistanyň Maýa goýum maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde 2021-nji ýylyň 30-njy dekabrynda «Sumitomo Corporation» kompaniýasynyň «Toyota» kysymly awtoulaglary hem-de olar üçin ätiýaçlyk şaýlaryny we sarp ediş serişdelerini satyn almak taslamasy we «Itochu Corporation» kompaniýasynyň arasynda «Komatsu» kysymly ýer gazyjy tehnikalary hem-de olar üçin ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak taslamasy maliýeleşdirmek üçin Niderlandlar Patyşalygynyň «ING bank NV» Banky bilen karz ylalaşygyna gol çekildi.

2022-nji ýylyň 15-nji fewralynda iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük daşaýan gämini gurmak boýunça taslamalary maliýeleşdirmek üçin Yslam Ösüş banky bilen maliýe ylalaşygyna hem-de OPEK halkara ösüş gaznasy bilen karz ylalaşygyna gol çekildi. Şeýle hem Glisirrizin turşusyny öndürýän kärhananyň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin 2022-nji ýylyň 18-nji martynda Italiýanyň «Banca Monte dei Paschi di Siena SpA» banky bilenBuýan köküni gaýtadan işläp, onuň goýy we gury ekstraktyny öndürýän kärhanany gurmak we enjamlaşdyrmak taslamasyna karz ylalaşygyna gol çekildi. 2022-nji ýylyň 14-nji martynda Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň enjamlary satyn almagyny maliýeleşdirmek üçin Italiýanyň «Intesa Sanpaolo S.p.A., Milan» bankyndan karz serişdeleriň hasabyna degişli akkreditiwler açyldy.

2022-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda telekeçi fiziki we ýuridik şahslaryň satyn alýan oba hojalyk tehnikalarynyň we enjamlarynyň bahalaryny maliýeleşdirmek üçin ABŞ-nyň «Deere Credit Inc.» kompaniýasy bilen karz ylalaşygyna gol çekildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň sarp edijilerini elektrik energiýasy bilen ygtybarly we bökdençsiz üpjün etme, türkmen elektrik energiýasynyň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 11-nji iýulyndaky Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynda kuwwatlylygy 432 MWt bolan gaz turbinaly elektrik stansiýasyny gurluşygyny maliýeleşdirmek hakynda Kararyna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky hem-de

gatnaşyjy maliýe guramalary bilen 2018-nji ýylyň 12-nji iýulynda Karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

Gurulan gaz turbinaly elektrik stansiýalary üçin ätiýaçlyk şaýlaryny we howa süzgüçleriniň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek üçin 2023-nji ýylyň 31-nji awgustynda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasy bilen Niderlandlar Patyşalygynyň «ING Bank N.V.» bankynyň Ýaponiýanyň Tokio şäherindäki şahamçasy bilen Ýaponiýanyň eksporty we maýa goýumy ätiýaçlandyryş agentliginiň («NEXI») ätiýaçlandyrmasy bilen we Yslam Ösüş bankynyň düzümine girýän Maýa goýumlary we eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasynyň («ICIEC») ätiýaçlandyrmasy bilen karz ylalaşyklary baglaşyldy. 2021-nji ýyldan bäri Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabi Ösüş gaznasy bilen amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň çäginde Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda kuwwaty 10 MWtbolan köpugurly elektrik stansiýasyny, Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde howa menzil toplumyny we Türkmenabatdaky S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda garyşyk mineral dökünlerini öndürýän önümhanany gurmak taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin 3 sany karz ylalaşyklary baglaşyldy we häzirki wagda berlen karz serişdeleri özleşdirilýär.

Mundan başga-da Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Arap we fransuz banklary bileleşiginiň (Union de Banques Arabes et Françaisesiň (U.B.A.F.) arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Ylalaşyk eksport-import amallaryny maliýeleşdirmek, Türkmenistan bilen Fransiýanyň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetine maýa goýumlary çekmek bilen bagly hyzmatdaşlygy ilerletmegi göz öňünde tutýar.

Bulardan başga-da daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen amal edilýän maýa goýum taslamalary ýylsaýyn artýar. Strategiki taýdan möhüm maýa goýum taslamalaryny we wezipelerini maliýeleşdirmek üçin bank orta we uzak möhletli daşary ýurt karzlaryny özüne çekýär. Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan baglaşylan hökümetara ylalaşyklaryň çäginde we hökümetiň wekili hökmünde daşary ýurt maliýe guramalary bilen baglaşylan karz ylalaşyklaryna hyzmat edýär.

Ýeri gelende bellesek, ýurdumyzda hususy telekeçiligi goldamak we olaryň taslamalaryny maliýeleşdirmek maksady bilen, Aziýa Ösüş bankynyň, Hususy ulgamy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasyndan, OPEK Halkara ösüş gaznasynda, Söwdäni Maliýeleşdirmek boýunça Halkara Yslam korporasiýasyndan karz ugurlary boýunça teklipleri alyndy. Innowasion häsiýetli önümçiliklere maýa goýmak durmuş üpjünçiligi pudaklarynyň we halk hojalygy ulgamlarynyň ösüş maksatnamalarynyň netijeliligini artdyrmaga, ýurdumyzyň öndürijilerini, şol sanda hususy pudagy goldamaga, diňe bir üstünlik bilen importuň ornuny tutmaga däl-de, eýsem, ýurduň barha artýan girdejisiniň çeşmesi bolan isleg bildirilýän harytlaryň hasabyna eksport kuwwatlyklaryny giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Maýa goýumlaryny işjeň çekmekbaş maksady bolan bankyň içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigini aýdyň görkezýär. 2024-nji ýylyň ýanwar - iýul aýlarynda birnäçe iş saparlary amala aşyrylyp, halkara maliýe guramalary bilen wideoaragatnaşyk arkaly gepleşikler geçirildi. Onuň netijesinde degişli halkara resminamalara gol çekildi. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen «First Abu Dhabi Bank» bankynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygyny, Koreýanyň Eksport-import bankynyň we Koreýanyň

Söwda ätiýaçlandyryş korporasiýasy bilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamany, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Koreýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda bilelikdäki hyzmatdaşlyk toparynyň işine ýardam bermek boýunça Özara düşünişmek hakynda Ähtnamany, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan OPEK Halkara ösüş gaznasy bilen hyzmatdaşlyk etmek boýunça çarçuwaly maksatnamasyny mysal getirmek bolar.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklaryň, «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentligi tarapyndan Türkmenistan döwletimize berlen halkara derejeleriň ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny has-da ýokarlandyrýandygyny nygtaýar. Geçen ýylyň 4-nji awgustynda hem-de 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda ikinji gezek «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentliginiň geçiren seljermeleri netijesinde halkara reýting agentligi Türkmenistanyň reýtingini «B+ oňyn» derejesinde çaklama bilen tassyklady. 2024-nji ýylyň awgust aýynda bolsa agentlik tarapyndan Türkmenistanyň reýtingi «B+ oňyn» derejesinden «BB- durnukly» çaklama bahasyna çenli ýokarlandyryldy, munuň özi bankyň köpugurly işiniň ygtybarlylygyny, hyzmatlarynyň yzygiderli kämilleşdirilýändigini, şeýle-de halkara daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda hyzmatdaşlyk ugurlaryny giňeldýändigini aýdyň görkezýär. Bu ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň uly netijelere eýe bolmagy üçin örän ýokary görkezijidir. «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentligi tarapyndan Türkmenistan üçin berlen halkara derejeler ýurdumyza çekilýän maýa goyumlarynyň möçberini artdyrmaga we karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ýurduň daşary ykdysady işini has-da ösdürmäge ýardam edýär.

Umuman taryh üçin uly bolmadyk 30 ýyldan gowrak döwürde ýokary ykdysady kuwwata eýe bolan ýurdumyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem Garaşsyz döwletiň gadamlary bilen aýakdaş ösüşi ýylsaýyn artýar. Aslynda, milli ykdysadyýetimiziň her bir ulgamynyň ösüşi Garaşsyzlyk düşünjesine kesgitlemedir, onuň aýdyň beýanydyr. Milli bank ulgamynyň işiniň ösüşlerini hem buýsançly taryhy sahypalarynda beýan etmek bolýar.

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2024 г.

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2024




### 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2024 г.

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2024




### 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 сентября 2024 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2024




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№8
2024
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2024-nji ýylyň ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 сентября 2024 г.
Authorized capital size as of 1 September 2024




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)
Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises and organizations, by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)
Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises and organizations, by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)
Distribution of balances of credits with the credit institutions provided (in national currency)




## 2024-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 сентября 2024 года (указатели округлены)
Information on the bankcards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 September 2024 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
## Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>unit | 01.09.2023 | 01.01.2024 | 01.09.2024 | 01.09.2024<br>01.01.2024-e,<br>%-de | 01.09.2024<br>01.09.2023-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany/ед./unit | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany/ед./unit | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany/ед./unit | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany/ед./unit | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany/ед./unit | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany/ед./unit | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany/ед./unit | **151** | **150** | **149** | *99,3* | *98,7* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany/ед./unit | | **7 046 129** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany/ед./unit | | **8 391,8** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **6 995,1** | **7 167,8** | **7 227,2** | *100,8* | *103,3* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **12 697,22** | **17 876,07** | **19 574,17** | *109,5* | *154,2* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат | **88 415,89** | **89 102,20** | **91 260,48** | *102,4* | *103,2* |
